# Baýram Jütdiýew aradan çykdy…

Category: Kitapcy,Taryhda şu gün,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
Baýram Jütdiýew aradan çykdy…



***Şu gün – 25-nji noýabrda Türkmenistanyň halk ýazyjysy, şahyr Baýram Jütdiýew aradan çykdy. Merhuma iman baýlygyny dileýäris***.

◇ Şahyr hakynda

Şahyr, terjimeçi hem-de edebi-publisisit Baýram Jütdiýew 1937-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Ýandaklyagyz obasynda daýhan maşgalasynda eneden doguldy. Obadaky 11-nji orta mekdebi tamamlap, 1957-nji ýylda Maksim Gorkiý adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetine taryh mugallymy hünäri boýunça okuwa girip, ony 1962-nji ýylda tamamlady. Okuwy tamamlap, şol wagtky «Ýaş kommunist» gazetiniň redaksiýasynda edebi işgär, 1964-1969-njy ýyllarda «Sowet

Türkmenistany» gazetiniň bölüm müdiri, 1971-1973-nji ýyllarda «Edebiýat we sungat» gazetiniň baş redaktory, 1973-1986-njy ýyllarda «Tokmak» žurnalynyň baş redaktory, soňra 1986-1991-nji ýyllarda «Sowet edebiýaty» žurnalynyň baş redaktory wezipelerinde zähmet çekdi. 1991-nji ýylda şol wagtky «Türkmenistan komunisti» žurnalynyň edebi işgäri, 1992-2003-nji ýyllarda «Diýar» žurnalynyň baş redaktorynyň orunbasary, soňra 2007-2008-nji ýyllarda «Zenan kalby» žurnalynyň edebi işgäri bolup işleýär. 2008-nji ýylda bolsa «Türkmenistan» gazetine işe bardy.
B.Jütdiýewe 1992-nji ýylda «Türkmenistanyň halk ýazyjysy» diýen at berildi. Şeýle-de ol «Gaýrat», «Watana bolan söýgüsi üçin» medallary, «Galkynyş», «Bitaraplyk», «Garaşsyz Türkmenstana bolan beýik söýgüsi üçin» ordenleri bilen sylaglandy.
Baýram Jütdiýew «Akaba», «Yhlas», «Abraý», «Bagyşlanýar», «Ala meýdanlar», «Owazlar mekany», «Göwün binasy», «Orak möwsümi», «Ýalkanmaly zamana», «Dogaýy diwan», «Mübärek agşam» ýaly 20-ä golaý kitabyň awtorydyr. Şolaryň bäşisi onuň türkmen diline terjime eden eserleridir. Taryhda şu gün